## AWTORLARYŇ DYKGATYNA!

**«Türkmenistanyň lukmançylygy» we «Saglyk» žurnallarynda çap ediljek makalalar üçin düzgünler.**

1. Makala setirleriniň arasynda iki interwal ýer goýlup, 2 nusgalykda (ekzemplýarda) türkmen, rus dillerinde ýazylmalydyr. Makalanyň möçberi edebiýatlaryň düzümini goşmak bilen, kompýuterde ýyglan görnüşde 3-4 sahypadan ybarat bolmalydyr (elektron görnüşi goşulmaly). Makalanyň ýanyna edaranyň başlygynyň ugradyş haty we ekspert netijesi, makala berlen 2 sany syn hem-de birinji awtoryň pasport maglumatlary goşulmalydyr.

2. Makalanyň başynda onuň ady, awtoryň ady, familiýasy, işiň çykan edarasynyň ady ýazylmalydyr.

3. Makalanyň mazmuny gysga, anyk bolup, onda işiň maksady we gazanan netijesi görkezilmelidir. Makala redaksiýa getirilmezden ozal, awtor tarapyndan okalyp barlanylmalydyr.

4. Makalanyň antiplagiat (gaýtalanmagyň öňüni almak) ulgamyndan geçirilen görnüşini hem redaksiýa tabşyrmaly.

5. Makala degişli suratlar (2-den az bolmaly däl) goşulmalydyr. Makalanyň mazmunyny açyp görkezmäge kömek edip biljek fotosuratlar, çyzgylar, grafikler we ş.m. kämil ýerine ýetirilen bolmalydyr (jpg,tif).

6. Edebiýatlar kabul edilen görnüşde bolmaly:

• awtoryň familiýasy ady (eger-de olar birnäçe bolsa, onda ilkinji ikisi, çet ýurtlardan bolsa, biri görkezilmelidir),

• ýazuw çeşmesiniň ady, eger bu makala döwürleýin neşirden bolsa, onuň diňe ady görkezilýär,

• neşir edilen ýeri (şäher) we ýyly, eger bu döwürleýin neşir bolsa, ýyl we tertip sany, sahypasy görkezilýär.

Mysal üçin: 1. Ataýew S.//Türkmenistanyň lukmançylygy.- 2006.- №2.- S.7-9. 2. Пачес А.И. Рак щитовидной железы.- М.,2006.- С.35. 3. Cortese F. et al.//J.Exper.Clin.Cancer.Res.- 2006.- Vol.17.- №4.- P.425-426.

Elipbiý tertibinde (awtorlaryň familiýalary boýunça) ilki Garaşsyz ýurtlaryň arkalaşygyna degişli, soňra bolsa daşary ýurt edebiýatlary görkezilýär. Mümkin boldugyça soňky 10 ýylyň neşirleri ulanylmalydyr. Edebiýat çeşmelerine syn berilýän makalalarda edebi çeşmeleriň sany 35-den geçmeli däldir. Makalada edebiýatlaryň düzümindäki tertip sanyna salgylanmak hökmandyr.

7. Redaksiýanyň makalalary gysgaltmaga, olara düzediş girizmäge hukugy bardyr.

8. Redaksiýa beýleki neşirlerde çap edilen makalany ibermek gadagandyr.

9. Žurnalda çap edilmedik makalalar awtorlara gaýtarylyp berilmeýär.

**«Türkmenistanyň lukmançylygy» we**

**«Saglyk» žurnallarynyň redaksiýasy**